# Klimatyň üýtgemegi

Öz uglerod yzymyzy azaltmak boýunça maslahatlar

**Uglerod yzy** – bu adamzadyň energiýa serişdelerini ulanma ýa-da satyn alma hereketleri netijesinde galdyran ähli parnik gazlaryň zyňyndylarynyň jemidir.

**$CO_2$ (kömürturşy gazy)** – bu klimatyň üýtgemegine täsir edýän esasy parnik gazy bolup, durýar. Ol energiýany öndürmek üçin gazylyp alynýan ýangyç serişdeleriň, ýagny, nebidiň, kömüriň we tebigy gazyň ýanmagynyň netijesinde atmosfera çykarylýar. Şonuň üçin, eger gündelik energiýanyň we tebigy baýlyklaryň sarp edilişini azaldyp bolsa, onda $CO_2$ zyňyndylaryny hem azaltmak we planetamyza kömek etmek mümkindir.

Muny nähili ýerine ýetirip bolýar? **$CO_2$AZALDYŇ! $CO_2$GATNAŞYŇ! $CO_2$GORAŇ! atly maslahatlary okaň.**

# $CO_2$AZALDYŇ $CO_2$GATNAŞYŇ $CO_2$GORAŇ!

## MEKDEBE GIDEŇIZDE, DYNÇ ALYŞDA WE SYÝAHAT EDENIŇIZDE

Köplenç pyýada ýöräň we tigirli aýlanyň.

Köpçülik transport ulaglardan peýdalanyň.

Başga şähere syýahat edeniňizde, eger ol daş bolmasa, uçara derek demir ýol otlusyny saýlaň.

**Öz uglerod yzyňyzy $CO_2$AZALDYŇ**

## MEKDEPDE

Bu ündewsuraty öz mekdebiňizde ýada öýüňiziň girelgesinde asyp goýuň.

Öz dostlaryňyza we tanyşlaryňyza bu maslahatlar barada aýdyp beriň

**$CO_2$GATNAŞYŇ**



Gerek bolmadyk kagyzlary gaýtadan taýýarlanýan ýerlere beriň, ondan täze gazetleri çykarmak mümkindir! Tokaýlary gorap saklalyň!

## GÜNDE BERJAÝ EDILMELI MASLAHATLAR

Suw kranyny berk ýapyň.

Ähli zatlary tygşytlap ulanyň, şonda olar uzak wagtlap size peýdaly bolar.

Printerleri azrak ulanyň we kagyzlary tygşytlaň.

Zyňyndylary gaýtadan işlenilip ulanmak üçin seljerip goýuň.

Gaýtadan işlenilen ýada gaýtadan işlenilip bolýan goşlary ulanyň.

**Tebigaty we serişdeleri $CO_2$GORAŇ**

Dükana tarap - öz torbamyz bilen! Bir saparlyk paketlerden dynalyň!

## DÜKANDA

Haçanda siz ene-ataňyz bilen dükana gideniňizde:

- öz torbaňyzy alyp gidiň – bir saparlyk gaplary azrak ulanyň;
- energiýany az talap edýan öý hojalyk enjamlary alyň;
- getirmegine az kuwwatlylyk harç edilen ýerli azyk önümleri satyn alyň.

**Öz uglerod yzyňyzy $CO_2$AZALDYŇ**

Welosiped sürmek gaty gowy!

Agaçlary ekiň – olar kömürturşy gazlary özüne siňdirýärler!

**$CO_2$GORAŇ!**

## ÖÝDÄKI ENERGIÝANY TYGŞYTLAMAK

Gyşyna elektrik ýyladyjy enjamlary ulanmaz ýaly, öýüňizi ýa-da jaýyňyzy ýyly saklaň.

Öýden gideniňizde çyralary öçüriň.

Energiýany tygşytlaýjy çyralary ulanyň.

El telefonlara kuwwatlyk beryän enjamlary ulanmadyk halatyňyzda elektrik tokdan soguryň.

Kompýuter, telewizor we beýleki elektrik enjamlary garaşylýan rejede açyp galdyrmaň, açmak/öçürmek düwmeleri ulanyň ýada tokdan soguryp öçüriň.

Kir ýuwanyňyzda mümkin boldugyça pes temperaturalary (30–40°C) ulanyň.

Sowadyjyny açmazdan öň içinden nämeleri aljak bolýanyňyz barada pikir ediň.

Suwy hakykatda gerek bolan mukdarda gaýnadyň.

Nahar bişireniňizde, gazanyň ýada sajyň üstüni gapak bilen ýapyň: şonda 2.5 esse az energiýa sarp edilýär.

**Öz uglerod yzyňyzy $CO_2$AZALDYŇ!**

Klimat gutusy Türkmenistan

gef

Russiýa Federasiýasynyň maliýe goldawy bilen

UNDP
Empowered lives. Resilient nations.